# Gurhan 19:71

Category: Gurhany öwreniş we Hadys ylmy,Kitapcy,Psihologiýa
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gurhan 19:71 GURHAN 19:71



Biz nähili pikir edýäs? Adam ölýär, soň kyýamatda direlýär, soň sud bolýar we adamlar dowzah bilen jennete bölünýär. Gowy adamlar dowzahy görenok, erbet adamlar bolsa jenneti? Eger Gurhanyň 19-njy süresiniň 71-nji aýatyna ser salsaň, adamlaryň ählisi hökman dowzaha girýär we diňe Hudaýdan gorkýanlar ol ýerden halas edilýär. Hudaýyň kanunlaryny bozanlar bolsa, ol ýerde ýanmaga galýarlar. Halal adam, haram adam tapawudy ýok, her bir adam hökman dowzaha giräýmeli. Bir bada şeýle informasiýa kelläňde emele gelen nusgalary döwýär, eýsem näme üçin gowy adamlar dowzahy görmeli? Bu sorag geçmişde hem köp adamlary biynjalyk eden bolmaly, sebäbi Gurhanyň şol aýatyna bir giden tefsirler bar. Mysal üçin şeýle tefsir: Dowzahyň

üstinden Syrat köprüsi geçýär, şol köprüden ähli adamlar hökman geçäýmeli, günäli adamlar geçip bilmän aşak (dowzaha) gaçarlar, günäsizler bolsa geçip giderler. Ýene bir ymamyň aýtmagyna görä, dowzahyň ody diňe günäli adamlary ýakar, günäsizler üçin ot salkynlyk bolup duýular, bi ideýa Ybraýym pygambere salgylanýar, sebäbi Ybraýymy diriligine ýakanlarynda oňa ot salkynlyk bolup duýuldy. Ýene bir ymam dowzaha tarap ähli kişi ýörär, emma diňe günäli adamlar ol ýerik girer, günäsizler ol ýoldan sowulup geçerler diýýär. Garaz internetden tapan tefsirlerim şeýleräk bolup çykdy.
19-njy süräň 71-72-nji aýatlary babatynda mende başgarak pikirler bar. Häzir ol pikirleri düşündirmäge synanşaýyn:
Meniň iş ýerimde bir aýal bar, şol aýal durmuşynyň bir kesiminde namaz okamaga başlaýar we az salym yz ýanyndan göwresinden çagasy düşýär. Şondan soň ol aýal namaz okamasyny goýýar. Aýalyň edýän pikirleri şular ýaly: Men namaz okamaga başladym we Seniň (Hudaýyň) tarapyňa geçdim, Sen bolsa meň çagamyň ölmegine ýol berdiň. Sen meň eden ýagşylygym üçin şeýdip töleýäňmi? Netijede aýal Hudaýdan ýüz döndürýär. Ýene bir mysal meniň özüm, eger durmuşymda ähli zat gowy bolsa, men Hudaýdan razy, Oňa diňe alkyş okaýan. Ýöne Hudaý sähelçe meň howamy gysyp başlasa, aýdaly girdeýjilem azalsa, gyssagly pul gerek bolsa, pul hem tapylmasa, men öz içimden Hudaýa hüňürdäp başlaýan:
– Sen diňe kezzaplara kömek edýäň, Sen kezzaplaryň we ogrularyň Hudaýy diýýän. Hakykatda bolsa gowlygy we erbetligi Hudaý döretdi, hiç bir ýagdaýda biz Hudaýdan nägile bolmaly däl we Ondan ýüz döndermeli däl.
Indi kyýamat güni näme bolar? Hudaý ähli adamlary südenekledip dowzaha salar, eger 71-nji aýata üns berseň, diňe salaryn diýýär, ýakaryn diýenok. Ömrüne bäş wagt namaz okap, hiç haçan erbet iş etmedik adam birden dowzaha girse näme pikir eder? Özüni aldanan hasap edip, Hudaýa nälet okap başlarmy, ýa-da ähli zadyň eýesi Hudaý, meni şu ýere salan hem Hudaý, çykaryp biljek hem Hudaý diýermi?
Hudaý diňe maňa ýagşylyk edýän wagty men oň tarapynda diýýän adamlary ýüze çykarmak üçin şeýle adamlaryň çalaja howasyny gysaýmaly. Eger ýalňyşmasam Hudaý kyýamatda şeýle hem edýär, ähli adamlary dowzaha salýar we şol ýerde  Hudaýdan çyndan hem gorkýan adamlar aýyl saýyl bolýar, sebäbi Hudaýdan gorkýan adam hiç haçan Oňa nälet okamaz, Hudaýdan gorkmak üçin bolsa,

Oň Hökmürowanlygyna 100 göterim göz ýetirmeli. Meň özüm günde 5 wagtyna namaz okaýan adamlary tanaýan, emma şeýle adamlar öz durmuşy muşakgatlaryny çözmek üçin, barybir palçy, bilgiç we mollalaryň gözleginde. Molla diýenimde gowy nýet bilen dälde erbet nýet bilen, mysal üçin işde meni başlygym gowy görer ýaly molla aga bir dogajyk ber we şol äheňde. Ýeke Hudaýa ynanmaň hem bir näçe görnüşi bar, ähli zadyň Eýesi Hudaý wagty, palçydan bilgiçden we molladan haraý islemek, Hudaýyň güýjüne ynanmazlygyň iň birinji alamaty. Eger 19:71 aýatdaky söz berilýän proseslar amala aşyrylsa, şeýle adamlar Hudaýdan birinji bolup geçjek adamlar. Hudaýyň özi hem entek biz diri wagtymyz adamlary synagdan geçirýänini aýdýar, başda berýän, soň azajyk gysýan, soň ýene berýän we ýene azajyk gysýan. Mesele düşnükli bolar ýaly ony azajyk ýönekeýleşdirjek bolsaň ýene bir mysal: Aýdaly siz kimdir birine mydama kömek edýäňiz, pul karzyna berýäňiz diýeli, hemişe goldaýaňyz diýeli we günleriň birinde birje gezek kömek edeňzok diýeli? Onsoň siz şeýle hereketlerden soň kime öwrülersiňiz? Siziň ähli eden kömegiňiz bir pursatda ýatdan çykar we siz duşmana öwrülersiňiz. Gynansakda adam psihologiýasy şular ýaly. Hudaý hem her bir adamy oň dogulan pursatyndan başlap, oň elinden tutup diýen ýaly, durmuşyň ähli bela beterlerinden sowup aýlap geçirýär, oňa ähli zady berýär. Ýöne 71-nji aýatdaky agzalýan ýeketäk prosesdan soň Hudaýyň ähli eden ýagşylyklaryny şol bada unudyp, oňa nälet okjaklar bar we şeýle adamlary ýüze çykarmak üçin hem şeýle proses amala aşyrylýar. Gurhany öwreniş we Hadys ylmy